*8-nji tema*: **Metin üzerinde uygulamalar** (Tekst üstünde işlemek)

**Dersiň maksady:**

- ✓ talyplara türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik gurluş aýratynlyklaryny öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen diliniň sözlük hazynasyny we semantik aýratynlyklary öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen dilinde dürli temelar boýunça öz pikirlerini yzygiderli, logiki taýdan dogry beýan etmekligi öwretmek,
- ✓ talyplara türkmen diliniň dürs ýazuw düzgünlerini öwretmek;
- ✓ olara orfografik taýdan ýalňyşsyz beýan etmegiň tärlerini öwretmek;
- ✓ talyplaryň türkmen dilinde sözleýiş medeniýetini we ýazuw endiklerini hem-de başarnyklaryny ösdürmek;
- ✓ dersde türkmen dilini we edebiýatyny oňat öwretmek üçin talyplaryň özara işjeňligini ýola goýmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýat sapaklarynda tehniki serişdelerden peýdalanmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýaty dersleriniň üsti bilen talyplarda watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi, agzybirligi, ahlaklylygy, ynsaplylygy, türkmen milli we dünýä gymmatlyklaryna buýsanç, gözellige söýgi duýgularyny terbiýelemek.

**Dersiň wezipeleri:**

- talyplaryň türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik başarnyklaryny ösdürmek;
- talyplaryň sözleýiş dilini kämilleşdirmek;
- talyplaryň ýazuw we hatdatlyk endiklerini ösdürmek,
- talyplaryň sözlük üstünde özbaşdak işlerini kämilleşdirmek
- talyplaryň okama we düşünme ukyplaryny ösdürmek;
- talyplaryň gürrüň berme we ýazyp beýanetme endiklerini kämilleşdirmek;
- söz öwrenme endiklerini artdyrmak;
- terjime etme ukyplaryny ösdürmek…

**Dersiň görnüşi:**

- ➢ dilden düşündirme;
- ➢ ýazuwdan beýanetme;
- ➢ sorag-jogap arkaly berkitme;
- ➢ shemaly we tablisaly düşündirme;
- ➢ tehniki serişdeler arkaly düşündirme;
- ➢ ýumşuň kömegi bilen geçileni gaýtalama…
- ➢ öý işi tabşyrma…

**Dersiň ýörelgeleri:**

- türkmen filologiýasy baradaky bilimiň mazmuny bilen onuň beýan edilişiniň bitewiligini gazanmak,
- türkmen diliniň beýleki dersler we durmuş bilen baglanyşygyny üpjün etmek;

- edeplilik, dogry sözlülik, ynsanperwerlik, yzygiderlilik, sylag-hormat we ýaş aýratynlyklara dogry gelmek.
- ders we durmuş, teoriýa we praktika gatnaşygy esasynda olaryň özara baglanyşygyny üpjün etmek…

**Dersiň usullary:**

- talyplaryň özbaşdak işleri we ýumuşlary barlag etmek;
- **ACTIV Studio** we **Power Point** maksatnamalaryndan peýdalanmak,
- türkmen filologiýasy boýunça öwredilýän temanyň prezentasiýasyny geçirmek,
- diliň grammatik kategoriýalary bilen baglanyşykly kynçylyklarda **„akylly sagady”, “akylly kompasy” “akylly şejeräni“** kömege çagyrmak,
- talyplaryň arasynda özara pikirlenme minutlaryny geçirmek;
- talyplaryň logiki yzygiderliligine, subut edijiligine ünsi güýçlendirmek;
- Dersde düşnükliligi we aýdyňlygy üpjün etmek...

**Dersiň görkezme esbaplary:**

- okuw kitaplary,
- gepleşik gollanmalary,
- ýazdyrylan ylmy çeşmeler,
- usuly gollanmalar,
- ses ýazgylary,
- degişli suratlar,
- tablisalar, çyzgylar,
- sözlükler,
- metbugat maglumatlary.

- **Dil ve dil birliklerini doğru bilmeden tekstleri doğru anlamak ve doğru yorumlamak mümkün değildir. Bu nedenle metin üzerinde çalışmak dili detaylı öğrenmenin bir yöntemidir.**

- ✓ ***İlki bilen aşakdaky teksti doly we dogry okamaly***
- ✓ ***Okalan metindäki sözleriň manysyny doly öwrenmeli***
- ✓ ***Soňra tekstdäki her bir sözlemleri derňew etmeli***
- ✓ ***Dil birliklerini doly we dogry öwrenmeli***

## Dostluk

(*Hekaýa*)

Alabaý çopan goşunda doglupdy. Ol eýýäm üç aý bäri gijelerine enesi bilen tirkeşip, goýun sürüsiniň töwereginde aýlanýardy. Gündizlerine enesi süriniň ýany bilen giden wagtynda, ol goşda galardy.

Goşda galansoň, töwerekden uzaga gitmän, guzy bakýan Durdynyň ýanynda guzular bilen bolmagy halaýardy.

Bir gezek ol oýuň içinde bir hili ses eşitdi-de, şol tarapa seňkildäp gitdi. Görse, oýuň içinde gögeren çalynyň düýbünde ýylan towşanjygyň daşyna dolaşyp, gaty bogýan eken.

Alabaý ýakynlaşdykça, ýylan kellesini göterip başlady. Muňa güjük haýran galdy. Ýylan birdenkä, onuň üstüne zyňdy. Alabaý bolsa näme bolanyny duýman galdy. Ony beýle gaty gysýan ýylandy.

Şu wagt bir ýerden şol ala pişik peýda boldy. Ol ýüzüniň ugruna ýylanyň kellesinden agyz urdy-da, ony ýiti dişleri bilen çeýneşdirdi.

Şol günden başlap, Alabaý pişigi kowalamasyny goýdy. Pişik hem ondan gaçgaklap ýörmedi. Şeýlelikde, Alabaý pişik bilen dostlaşdy.

Dostluk hemmä gerek. Ol ynsana bagt eçilýär. Ynsan bu babatda haýwanlardan nämeleri öwrenip biler?! *(K. Jumaýew).*

- ✓ ***Yokardaky tekstde orun alan dil birliklerini türkmençe adalgalary bilen doly öwrenmeli***
- ✓ ***Kök sözleri doly derňew etmeli***
- ✓ ***Goşulmalary we olaryň görnüşleri doly anyklamaly***

**Meýilnama:**

1. Alabaý nirede bolýardy?
2. Onuň halaýan zady.
3. Oýuň içinde Alabaý näme gördi?
4. Ýylan Alabaýyň biline dolaşdy?
5. Pişigiň kömege gelmegi.
6. Alabaý pişik bilen nähili dostlaşdy?

- ✓ ***Tekstden ugur alyp, ýokardaky soraglara dogry we doly jogap ýazyň.***
- ✓ ***Dil birliklerini doly we dogry öwrenmeli***

## ❖ Magtymguly hakyndaky rowaýatlar

Dilden-dile geçip çeperleşen halky eserlerde Magtymgulynyň durmuşy, kowum-garyndaşy, bilim alan ýerleri, şahyryň ynsanperwerligi,

ahlagy, watançylygy, döredijiligi barada çeper gürrüň edilipdir we onuň kämil halky keşbi döredilipdir.

***

Magtymguly dünýä inmezden öň, atasy bir düýş görüpdir. Düýşünde Döwletmämmediň gapysynda bir daragt gögerip otyrmyş. Onuň ýetmiş şahasy bar eken. Şonda Döwletmämmet:,,Bä, men bu daragty haçan ekenimi bilemok.Ýetmiş şahasynyň birinde ýetmiş dürli miwe bar. Her miweden hem bir hili owaz çykyp dur“ diýip pikir edipdir.

Ol gören düýşüni özi ýorup bilmän, halypasynyň ýanyna gidip, oňa düýşüni aýdypdyr.

Halypasy:

– Senden bir ogul dörejek. Onuň ýetmiş hünäri boljak, emma öz döwründe gadyry bilinjek däl – diýipdir.

***

Garry mollanyň ýaşaýan obasyna Şagurbat diýen haja barýan diwana gelipdir. Ol garry molla bilen gürleşipdir. Şagurbat Garry molla ýaly ylymly adama duşandan soň:

– Men haja gitjek däl. Bu obada hakyky haja gowuşdym – diýip aýdypdyr. Ine, şundan soň şol obanyň ady Hajagowşan – Hajygowşan bolup galyberipdir.

***

Magtymguly Soňudagyň Gürgen diýen ýerinde bir ulamadan sapak alypdyr. Gürgen ulamasynyň öwreden sapagyny Magtymguly şol wagt bilip, beýleki okuwçylar ýaly ony gaýtalap oturmaz eken. Bir gün ulama:

– Magtymguly, sen näme üçin dersiňi az okaýarsyň? – diýip soranda ol:

– Men dersimi pugta okaýandyryn halypam – diýip, Gürgen ulamasynyň geçip duran sapagyny oňa aýdyp beripdir. Ol sapagyny pugta bilýän, örän zehinli okuwçy bolupdyr. *(“Magtymguly hakyndaky rowaýatlar”, Aşgabat, 2014 ý.).*

- ✓ ***Yokardaky tekstde orun alan dil birliklerini türkmençe adalgalary bilen doly öwrenmeli***
- ✓ ***Kök sözleri doly derňew etmeli***
- ✓ ***Goşulmalary we olaryň görnüşleri doly anyklamaly***